# Adam ogullary / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Adam ogullary / hekaýa ADAM OGULLARY

Iliň heleýine göz gyzdyrmaly däldigini biriniň başga birine aýtmagy gerekmi?!
Bilemok, ýöne maňa-ha aýtdylar. Ýöne diňlemedim. Ol gaty owadan, şelaýyndy. Elime aýlap öçürdi. Menem jaň etdim. Ol süýnüp-sarkyp, näz edip gürläp ugransoň, nädip erkim elden gidenini, haçan oňa duşuşmak üçin ýalbaryp ugranymy bilemogam. Arasynda kä ýarym, onuň bir öýüň maşgalasydygy ýadyma düşýärem weli, aý owarram, meniň dürs bolanym bilen dünýe düzeljekmaý diýýän.
– Gijäň ýaryndan soň guş keteklериниň ýanyna, duşuşyga geläý – diýeninde, buýsanjymyň çägi ýok. Özümi gala alan ýaly duýýardym. Ynsanoglunyň müňlerçe ýyllyk ýabany islegleri mukaddes hasaplan kadalarymy ýykyp geçdi. Gije ýarymdan aganda, özümem ýürekliligime haýran galdym, olaryň haýatyndan aşyp howlusyna girdim. Hasap boýunça öýde garry gaýynene bolmaly, olam bu çaka uklandyr. Şelaýyn gelin bolsa maňa şu töwerekde garaşýan bolaýmaly. Ýöne garaňkynyň içinde demir çelege büdräp, ala-goh turuzamsoň, şelaýyn gelniň meni garşylamaga näme üçin çykmanyna düşündim. Äri biwagt öýe dolanyp gelen bolsa nätjek? Ýa-da men biwagt geldim… Ökjäni göterdim. Ýöne gaty göterilmänkäm är ýigit ýeňsämden ýapyşdy. Öňem men ýalyny kowalamakda tejribesi ýetik öýdýän diýip pikir edenimi ýatlaýan. Sypdyrarly däl. Daýaw pyýada ýere ýatyryp, bir iki ýumruk berensoň, menden jogaba garaşmaýan soraglaryny sorap ugrady.
– *iki işleýäňmi gijäň ýary, hä? Howla giresiň geldi, hä? Göz gyzdyrasyň geldi hä, ijen, al saňa, me saňa…
Elem-dilem agyr eken, her soragyň arasynam boş goýanok. Hem taýak iýýän, hem oňa nebsim agyrýa. Çekýän ejiriniň meňkiden çökderligini bilýärdim. Dünýäň ilkinji ejizlerinden galan endik boýunça ýüzümi, kellämi iki elim bilen goraýan.

Nobatdaky apperkotdan soň gelen sag ýumruk bilen kelläm çepe öwrülende ketekdäki guşlara gözüm düşdi.
– Şo-ol guşy gowy gördüm, diňe seredip, görüp gitjekdim, ogurlamok niýetimem ýokdy-how, urma indi – diýip, ýetişibildigimden gygyrdym.
Daýaw pyýada ketege seretdi, maňa garady. Aýyň şöhlesine ýyldyraýan derli ýüzi ýagtylan ýaly göründi.
Şondan soň köp urman, öňkülerden ýumşagrak sögünçler bilen meni ugratdy. Mert eken, ol waka hakda hiç haçan hiç ýerde gürrüňem çykmady. Ýa-da başga sebäbi barmy, bilmedim. Ýöne daýaw bilen, şo wakadan soň, aramyzda garşylykly hormatmy-duýgudaşlykmy, bir zat bar …

Nejep BAÝAT.

20.05.2021, Änew. Hekaýalar